# Putiniñ gulagyna pyşyrdaýan adam: Aleksandr Dugin

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Putiniñ gulagyna pyşyrdaýan adam: Aleksandr Dugin PUTINIÑ GULAGYNA PYŞYRDAÝAN ADAM: ALEKSANDR DUGIN




*Dugin SSSR-iñ dargamagyndan soñ sarizmiñ we bolşewizmiñ dolandyran çapraz rus şahsyýetiniñ gözlegindäki Ýewraziýa ideýasynyñ iñ esasy tarapdarlarynyñ biri*

Ýewropalylar patyşanyñ gulagyna pyşyrdap bilýän adamyñ patyşadan has howpludygyny aýdýarlar.

Bu söz syýasat dünýäsi üçinem, hususan-da meşhur rus filosofy Aleksandr Dugin üçinem şeýle bolup biler.

Ol başlangyçdan tä Ukrainanyñ okkupirlenmegine çenli döwürde Putiniñ añyny pikirler we gözýetimler bilen dolduran şahs.

Dugin häzirki Russiýany tradision gözýetimi we konserwatiw ideýalarynyñ binýadynda ýurdy dolandyrmagy iñ gowy režim hökmünde baha berýär.

Dugin äýnekli ýüze keşbi we özüni tradision rus poplaryna çalym etdirýän sakgaly bilen hernäçe tutynyñ añyrsynda saklansa-da, özüni Russiýany dolandyrýan ideologik şärikdeş ýagdaýyna getirdi.

Ol öz pikirleri bilen ýigrimi ýyla golaý wagt bäri Russiýa we dünýä ýokardan seredýär.




- **Akyldar, strategist, mistik**

Onuñ üçin ýeke-täk kesgitleme bermek kyn. Dugin syýasy akyldar, strategist we slawýan mistigi.

Şu ýyl altmyş ýaşyna gadam basan Dugin 1962-nji ýylda SSSR-iñ Goranmak ministrliginiñ Dolandyryş müdirliginiñ harby kontrrazwedka uprawleniýesinde işleýän generalyñ maşgalasynda dünýä indi.

Ýaşlykda Moskwa institutynyñ awiasiýa fakultetinde okamaga başlanam bolsa, soñ okuwyny taşlady.

Rus matematigi Ýewgeniý Dýakonowyñ pelsepesini öz durmuşynda amal etmek üçin ýoluny üýtgetdi we bu boýunça doktorlyk dissertasiýasyny gorady.

Yzyndan başga bir doktorlyk dissertasiýasyny goramak üçin syýasy ylymlara ýöneldi.

Dugin SSSR-iñ çökmäge başlan ýyllarynda totalitarlyk we awtoritarlyk hasaplaýan ýagdaýyna garşy çykan aktiw şahslaryñ biridi.

Has soñra Ýelsiniñ agdarylmagyna ýol açan halk tolgunşygyna gatnaşdy.
Dugin SSSR-iñ çöküşiniñ sagdyn analizi edilmezden başdan sowulmagyna ýol bermedi.
Ahyrynda ýurdunyñ başyna inen uly ýitginiñ «Sowuk uruş» sebäpli» bolmandygy netijesine geldi.
Onuñ pikiriçe bu ýagdaý has beterem «ABŞ-lylaryñ we ýewropalylaryñ deñ derejede öñdedikleri» deñiz we Atlantik siwilizasiýasynyñ tersine «gury ýer siwilizasiýasy» sebäpli durmuşa geçipdi.
Ahyrynda Dugin jylawsyz liberalizme garşy gaharlylyga mümküngadar golaý tankydy syn berýän «Günbatardan halas boluş. Ýewraziýaçylyk. Guryýer medeniýetlerine garşy deñizçilik we Atlantik medeniýetleri» atly täze kitabyny jemgyýetçilige hödürledi.
Duginiñ rus prawoslaw kökleriniñ bardygy mesaña bildirýär. Ol kitaplary we çuñ analizleri bilen ondan gyşarmak ýa-da halkasyna girmek üçin onçakly jan edenok.
Hatda oña eýerijileriñ özi-de, «Dünýä şäherine» garşy (Apostol Augustinusyñ «Hudaýyñ şäheri» taryhy epopeýasynyñ bir bölümine görä) «Hudaýyñ şäheriniñ» tarapdarlaryndan biri hasaplaýar.
Dugin Putiniñ 2000-nji ýylda Kremle gelmegi bilen Russiýanyñ damarlaryna täze gan inžektirledi. Onuñ özi-de oppozisiýanyñ hataryndan «Täze Russiýanyñ» goragçylaryñ lagerine geçdi.
Aýratynam Ýewraziýa taglymynyñ ýeten sepgitleri boýunça sesini gataltdy.




- **Ýewraziýa pikiri we ýeten sepgitleri**

Gysgaça aýdanda, Ýewraziýa Duginiñ düşünjesinde günbatarda Atlantik okeanyñ gurşawyndan Russiýanyñ gündogaryndaky Ural daglaryna çenli uzaýan sebit hasaplanýar.
Bu sebit geografiýa taýdan adamzat medeniýetiniñ sallançagydyr.
Dugin Ýewraziýanyñ adamzat taryhynyñ esasyny düzýän tapawutly sosial, magnawy we syýasy formalary emele getirendigine ynanýar.
Dugin syýasat pelsepesine ýakynlygyndan zyýada militarizm we jansyzlyk dünýäsinde keşt eden, kontrrazwedkaçy Putiniñ baş mugallymymy?
Başgaça aýdylanda Putini soñky ýüz ýylda geçirilen çärelere garşy rus kimligi gözlegine iten şolmydy?
Dugin iki aý çemesi öñ Ukraina bilen uruş meselesindäki jedeller gyzyp, ýetjek derejesine ýetende rus kimligi meselesi boýunça çykyş etdi.

Ideologiýasy we suratlandyrmalary Russiýa imperiýasyndan başlap, döwlet şekilini uly möçberde üýtgedendigini aýdýan Oktýabr rewolýusiýasyna, ruslaryñ özleri we kimlikleri (личность, идентичность) bilen göreşinde öwrülişik sepgidi bolan 1991-nji ýylyna çenli soñky bir asyrda emele gelen radikal we düýpli üýtgeşmelere yşarat etdi. Şondandyr, gapana düşen öñki SSSR-iñ yzyndan gelen weýrançylygyñ soñunda Russiýa Günbataryñ öñe sürýän tekliploriniñ we beýannamalarynyñ yzynda galdy.

Ahyrsoñunda Russiýanyñ gämisi Duginiñ «rus kimligi mirasynyñ wepaly goragçysy hökmünde gören» Putinine gowuşdy.

Onuñ bilen birlikde döwlet konserwatiw gymmatlyklara esaslanýan içki ynançlary arkaly daşarky güýjüni gaýdyp almalydy.

Dugin XX asyryñ atmosferasyna agalyk eden üç esasy taglymata (liberal teoriýa, kommunistik teoriýa, faşistik teoriýa) garşy çykýardy.

Özi «Dördünji syýasat teoriýasy» gözýetimini hödürlände oñaýsyz oppozisiýadan hoşal däldi.

Eýsem onuñ pozisiýasy Putiniñ soñky ýigrimi ýylyñ yglan edilmedik konstitusiýasydymy?




- **Arktiki Russiýa hakynda**

Ýigrimi ýylda we dört gezek prezidentlik eden döwründe Wladimir Putin göz öňüne tutýan maksatlaryna eýermegiň çäginde Duginiň dördünjy syýasy teoriýa gözýetimini oňlap Russiýany bütindünýä parahatçylygynyň wekili hökmünde gördi.

Kommunizmden, liberalizmden we faşizmden daşgaryn täze model hödürlän gözýetim hemmeleriň şahsy ýa-da synpy, islendik halk ýa-da din üçin ýaşamak we umumylyk hukugynyň bardygyny ýaňzydýan teoriýany öz içine alýar.

Şeýle-de, teatra meňzeş jemgyýetlerde başdan geçirýän ideologik çemeleşmelerden barlygymyzy goramaga jan edýän we töweregimizde özgeren teoriýa hökmünde öň hatara çykýar.

Dördünji syýasy teoriýa Prezident Putiniň 2007-nji ýylda Mýunhen konferensiýasynda sözlän sözünde örän aýdyň duýulýar. Putin çykyşynda ähli adamlar üçin deň mümkinçiliklere eýe, has adalatly we deňhukukly dünýä talap edipdi.

Dugin teoriýasynda izolýasion, çetleşdirmek ýa-da imperial artykmaçlyk bolmazdan döwletleriñ we halklaryñ medeniýetleriniñ gurşawyna girýän umumy gowulugy öñe sürýär.
Duginiñ dördünji syýasy teoriýasynyñ täsiri Semýuel Fillips Hantingtonyñ sozulan, toslama gözýetim hödürlejek bolşy ýaly Putiniñ»medeniýetleriñ dialogy we goñşulygy» bolan köp polýusly dünýä talaplarynda-da aýdyñ görünýär.
Duginiñ pelsepesi kosmiki nesiliñ her bir faktorynyñ bütin dünýäni giñelden mozaiki paneliñ bir bölegidigini añladýar.
Munuñ pelsepe geografiýasynda ornaşan sistemadan hereket etmek we sebitleri garaşsyz gözde baha bermek bilen birlikde döredijilikli syýasy we sosial gymmatlyklaryñ binýadynda garaşsyz hem-de konstruktiw şekilde kämilleşmegi mümkin.
«Şarku'l Avsat» gazetiniñ «Independent Arabia»-dan berýän analizine görä, Dugin Russiýada, hususan-da Günbatar aragatnaşykly oligarhlaryñ garşysynda Putiniñ belent sesi hökmünde umuman gurban edilýär.
Şol sebäpli Günbatar ugrunyñ rus sferalarynda eýle ýa beýle şekilde özüne çokunanlary tapandygy duýdurylýar.
Şeýle-de käbir rus intellektuallaryny Russiýanyñ öz ugruny böwetleýän günbatarly ugra girmekde aýyplaýar.
Eýsem, Duginiñ Siriýada we «ölüm ýagdyrýan el» güýjünde Putine haýsydyr bir täsiri boldumy?
Muny onuñ özi birküç ýyl öñ nemes dilinde çap etdiren makalasynda giñişleýin beýan edipdi (Dugin sekiz dilde suwara okap-ýazyp bilýär).
Putin Russiýanyñ Siriýa harby goldawy bermegini YŞYD-yñ «ABŞ-nyñ önümi» bolandygy sebäpli Ýewraziýanyñ geosyýasy hereketidigine ynanýar.
Putiniñ pikiriçe YŞYD Russiýa üçin gönüden-göni howp bolup durýar we Russiýa ABŞ-nyñ Siriýada döreden hem-de goldaýan terrorçylygyny gysymyna gysmak üçin gyssagly hereket etmese, ýakyn wagtda YŞYD-y öz serhedinde, has soñra ýurdunyñ içinde görmeli bolar.




Duginiñ ynanjy eger Siriýa agdarylsa, Ýakyn Gündogarda «domino teoriýasy» diýip atlandyran tirkeşik çöküşlere ýol açjakdygyny we dünýäde haosyñ ýaýyljakdygyny öñe sürýär.
Şu çarçuwadan alanda Ýewropa ýüz müñlerçe ýa-da millionlarça bosgun akymlary bolar we Ýewropa öñki yklymy syýasy taýdan bosgunlardan daşda saklar.
Dugin Prezident Putiniñ daşary syýasatyny dogry görkezmek üçin uzak wagt bäri geografiýa meýilli.
Onuñ pikiriçe Gürjüstana garşy uruş, Krymyñ anneksirlenmegi we Russiýanyñ Tartus deñiz bazasynda geçiren Siriýa harby operasiýasy beýleki ähli hususlary aşýan geosyýasy hökmanylyk

tarapyndan kesgitlenýär.
Eýsem, Dugin Ukraina konflikti meselesinde sessiz galjakmyka?
Soňky gezek Aleksandr Dugin üçünji tarapyň täsirleri bilen möwç alan çaknyşyk hakyndaky gözýetimini we iki doganlyk Gündogar slawýan halkynyň arasynda umumy sepleşik bilen bir ritm saklamaga synanyşýan göze görünmez eliň işlerini ýazdy.
Dugin taraplardan biriniň, ýagny Ukrainanyň Russiýa hüjüm etmegini goldap, iki doganlyk halky biri-biriniň ýakasyna ýapyşmagyny gurnan we muny başaran amerikanlary günäkärlemeýär.
Dugin Prezident Putiniň döwlet reformalary saýasynda taryhyny täzeden janlandyrmagy göz öňüne tutýandygyny aýdýar.




Dugin Ukraina konflikti meselesinde ýeke-täk çözgüt bardygyna ynanýar: Ukrainany iki bölege bölmek. Kiýew ýörite statusa eýe bolup, Ukrainanyň günbatar sag ýakasy we Noworossiýa hökmünde her iki sebitiňem agalygyny ykrar etmek.
Eýsem, bu gelejege niýetlenen teswirmi, ýa bolmasa Putiniň ýakynda jemgyýetçilige mälim etjek şahsy bildirişimi?

ABŞ nukdaýnazaryndan Dugin şu gün Ak Tamda, aýratynam Trampyň işden gidip Baýdeniň häkimiýete gelmeginden soňra neo-konserwatiwlere simpatiýa duýýan «globallaşma we atlantikçiligiň fanatik tarapdarlary» bolan bölegiň bardygy öňe sürülýär.
Duginiň pikiriçe bular her näme bolanda-da ýeke-täk polýusly dünýä düzgünini halas etmegiň goldawçylary we 2013-2014-nji ýyllarda Kiýew meýdanynda Orsyýete garşy protestlere meçew berenler bilen bir adamlar.
Ýokarda aýdylanlar döwürdeş rus filosofynyň biografiýasy we karýera aýsberginiň diňe görünýän bölegi. Aleksandr Dugin bir gezek şeýle diýipdi:
*«Dünýä indi üçünji jahan urşuna hemişekisinden has ýakyn.»*
Eýsem, Ukraina konflikti rus-ukrain çaknyşygyndan Moskwa bilen NATO-nyň arasynda garaňkylykdaky ýakalaşma geçip gitse, Duginiň öňdengörüjiligi amala aşaýarmyka?
Jogaby heniz ýüze çykmadyk wakalarda gizlenip ýatyr.
Emile AMIN,
müsürli žurnalist.

05.03.2022 ý. Publisistika